# «Durmuş bizi kiçeldip ýör köp ýerde…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Durmuş bizi kiçeldip ýör köp ýerde…" ***«Geliň, beýik bolalyň!”***
*Irki goşgulardan.*

Durmuş bizi kiçeldip ýör köp ýerde,
Meger, beýikligi goýnunda düýnäp.
“Sen kiçijik!” – pyşyrdaýar betbagtlyk,
Ary köýen ýaly, ýekirip,
ýanap.

“Sen kiçijik!” – mydam rüstem gürlär,
Ownuk aladalar süýndürip boýnuň.
“Sen kiçijik!” – gökde ýarylyp bir zat,
Ýeri gujaklaýar, däldir ol oýnuň.

“Sen kiçijik! – urýar sagadyň ýaňy. –
Saňa asyl gutulma ýok ölümden!”
“Sen kiçijik! Eýse bilýäňmi ýaňy?..”
Gülýär Ýalan.
Ot syçraýar gözünden.

Ýöne bil, geçeňde iň kyn öwrümden,
Dünýä gahar edip, bolman kör keýp.
Heniz enäň ýüreginde üwrelip,
Ozal-başdan biziň barymyz beýik.

Adam, sen uzaga ýetip bilmeli,
Müdimi syrlar dek senem biserhet.
Oýlap tapypdyrlar – beýik bolmagy.
Esasy zat – kiçi bolmazlyk gerek!

Ýewgeniý ÝEWTUŞENKO.

Terjime eden: Baýram JÜTDIÝEW. Goşgular